# Namazda göýberilýän ýalňyşlyklar. Namaza niýet dil bilen aýdylýarmy?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

Şeýh Muhammed bin Salih el-Useýmin fetwasynda şeýle diýýär:

“Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem hadysda: **“Amallar niýetlere görädir. Her kim nämä niýet eden bolsa, şol bardyr”** diýendir. *(Buhari, Muslim)* Niýetiň ýeri kalpdyr, dil bilen aýdylýan däldir. Mysal üçin sen täret almak üçin ýeriňden tursaň bu eýýäm niýetdir. Zor salynmadyk ýagdaýynda, akyly ýerinde (öz erkine) bolan bir ynsanyň niýet etmezden bir amaly etmegi mümkin däldir. Şonuň üçin hem alymlar şeýle diýendirler: Eger Allah Tagala bize niýetsiz amal etmegimizi buýran bolsady, bu başarylmajak tabşyryk bolardy.

Ne Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiň, ne-de sahabalaryň niýeti dili bilen aýdandyklary barada rowaýat ýokdur. Niýeti dili bilen aýdýan kişiler muny bilimsizlikden ýa-da niýeti dil bilen aýtmaly diýen, kişileri taklit edýändikleri üçin aýdýandyrlar. Niýeti dil bilen aýtmagyň tarapyny tutan kişiler, kalp bilen diliň kybapdaş, deň bolmagy üçin niýeti dil bilen aýtmagyň gerekdigini aýdýarlar. Emma biz munyň ýalňyşdygyny aýdýarys. Çünki niýeti dil bilen aýtmak meşru bolsady, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem hadysynda aýdardy ýa-da özi amaly bilen görkezip ymmatyna öwrederdi. Üstünlik Allahdandyr.” *(Muhammed bin Salih el-Useýmin, Fetawa Erkanil-Islam)*

Ymam Newewi rahimahullah, *Rawdatut-Talibinde (1/244)* şeýle diýendir: “Niýet kast etmek (bilmek, göz öňüne getirmek) diýmekdir. Namaz kyljak kişi haýsy namazdygyny, parzyny ýa-da sünneti ýaly namaza degişli hususlary ýadyna düşürer, soňra buny kalbyndan geçirip namaza tekbir alar.”

Ebu Ubeýde Meşhur bin Hasen Alu-Selman**Namazda göýberilýän ýalňyşlyklar** baradaky ýazan kitabynda şeýle diýýär: “Niýet dil bilen aýdylmaz. Çünki niýeti dil bilen aýtmak buýrulan däldir. Hatda Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem we sahabalary niýeti dil bilen aýtmadyklary üçin niýeti dil bilen aýtmak **bidgat**dyr.” *(el-Muhkemul-Metin fi'htisaril-Kawlil-Mubin fi Ahtail-Musallin)*

Alymlaryň aýdyşy ýaly niýetiň ýeri kalpdyr. Bu örän möhüm zatdyr. Çünki hadysda-da aýdylyşy ýaly niýetler amallara baglydyr. Ynsanyň dili bir zat aýdyp durka kalby onuň düýbünden tersini diýip biler ýa-da biri öýle namazyna gelende, dili bilen ikindi diýip, ýalňyşyp biler. Bu tejribede köp sataşylýan zatdyr. Şonuň üçin niýetimizi kalbymyz bilen aýtmaly we Pygamberimiziň we sahabalaryň buýurmadyk we etmedik zadyndan gaçmalydyrys.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.